TÜRKMENISTANYŇ
BAŞ DÖWLET
SALGYT GULLUGY

MAIN STATE
TAX SERVICE
OF TURKMENISTAN

744036, Aşgabat ş., Garaşsyzlyk şaýoly, 63 j.
Tel.: 48-49-20, 48-48-63; Faks: 48-49-60

744036, 63, Garashsyzlyk ave., Ashgabat c.
Phone: 48-49-20, 48-48-63; Fax: 48-49-60

«30» 09 2016 ý. № 4603/1

**Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gulluklaryna**

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň 2016-njy ýylyň 26-njy sentýabryndaky 2-27/11572 belgili hatynyň esasynda, «Salgytlar hakynda» Türtkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda, harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň we Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2016-njy ýylyň 18-nji awgustynda bilelikdäki çykaran 46-Ö/110-Ö belgili buýrugynyň 2016-njy ýylyň 26-njy sentýabrynda 1018 san bilen Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet tarapyndan bellige alnandygyny habar berýär hem-de görkezilen buýrugy we Tertibi iberýär.

Ýokarda görkezilenleri maglumat we işde ulanmak üçin garamagyňyzdaky döwlet salgyt gulluklarynyň dykgatyna ýetiriň.

Goşundy: elektron görnüşinde.

**Başlygyň orunbasary** **S.Ataýew**

TÜRKMENISTANYŇ
ADALAT
MINISTRLIGI

MINISTRY
OF JUSTICE
OF TURKMENISTAN

✉ 744036,Aşgabat ş.,Arçabil şaýoly,150
☎ Tel.:39-19-21;Faks:39-19-71

✉ 744036, Archabil str.,150,Ashgabat c.
☎ Phone:39-19-21;Fax:39-19-71

«26» 09 2016 ý №2-27/11572

*Siziň 2016-njy ýylyň 15-nji sentýabrynda iberen*
*4295/1 belgili hatyňyza*

**Türkmenistanyň Döwlet**
**Salgyt gullugyna**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi "Salgytlar hakynda" Türtkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary ondürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň we Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2016-njy ýylyň 18-nji awgustynda bilelikdäki çykaran 46-Ö/110-Ö belgili buýrugynyň 2016-njy ýylyň 26-njy sentýabrynda 1018 san bilen döwlet tarapyndan bellige alnandygyny habar berýär.

**Ministriň orunbasary** **M.Taganow**

Ýerine ýetiren A.Mämmetgurbanowa (tel. 39-18-63)

gelen №988
28.09.16ý.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2016-njy ýylyň «26» sentyabr
1018 san bilen bellige alyndy

"Salgytlar hakynda" Türtkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň we Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2016-njy ýylyň 18-nji awgustynda bilelikdäki çykaran 46-0/110-Ö belgili buýrugy

**TÜRKMENISTANYŇ BAŞ DÖWLET SALGYT GULLUGY**

**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE MINISTRLIGI**

# BUÝRUK

«18» awgust 2016ý. №460 «18» august 2016ý. №110-ө

**«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň Tertibini tassyklamak barada**

2015-nji ýylyň 18-nji awgustynda kabul edilen 277-V belgili «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 105-nji maddasynyň harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlenilende goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberini ulanmak baradaky düzgünini ulanmagy tertipleşdirmek maksady bilen **buýurýarys:**

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy**

**S.Gündogdyýew**

**Türkmenistanyň Maliýe ministri**

**M.Muhammedow**

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2016-njy ýylyň 18-nji awgustyndaky 46-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2016-njy ýylyň 18-nji awgustyndaky 110-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasyna laýyklykda harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlemek düzgünini ulanmagyň
TERTIBI

1. Şu Tertip, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasynyň harytlaryň (önümleriň) gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, dokma önümleri olary öndürijiler tarapyndan ýerlenilende goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberini ulanmak baradaky düzgünini ulanmagy tertipleşdirýär.

2. Eksport edilýän harytlar (önümler) diýlip Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolýan harytlaryň (önümleriň) bu çäkden yzyna gaýtaryp getirmek borçnamasyz alnyp gidilýän we alnyp gidilendigi barada bellenilen tertipdäki tassyknamasy bolan harytlara (önümlere) düşünilýär.

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda gümrük taýdan resmileşdirmek üçin zerur bolan resminamalar, harytlaryň (önümleriň) Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilendigi baradaky bellenilen tertipdäki tassyknama bolup durýar.

3. Şu Tertip gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, şeýle hem olara eksport etmek üçin dokma önümini ýerleýän önüm öndürijilere degişlidir.

4. Dokma önümleri öndürijiler gönüden-göni eksport edilmegini amala aşyrýan Türkmenistanyň dahyllylary bolup durýan hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara, şol önümleri satmak-satyn almak barada şertnama baglaşmak arkaly geçirilýär.

5. Dokma önümleri öndürijiler bilen hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar dokma önümlerini satmak-satyn almak baradaky şertnamany baglaşylan senesinden 10 günden gijä galman hasapda durýan ýeri boýunça salgyt gullugynda hasaba goýulmaga borçlydyrlar we şol şertnama degişli resminamalary tabşyrmalydyrlar.

6. Salgyt gulluklary dokma önümleri öndürijiler bilen hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar bilen baglaşylan dokma önümleri satmak-satyn almak

baradaky şertnamany aýratyn kitapda hasaba alýarlar we olaryň her biri boýunça gözegçilik kartoçkasyny açmak bilen olar boýunça berk gözegçiligi amala aşyrýarlar.

7. Hususy telekeçilere we edara görnüşli taraplara baglaşylan sertnamalarda görkezilen dokma önümlerini ýerlän dokma önümleri öndürijilere «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasynda bellenilen goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberi ulanylýar.

8. Hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar sertnamalarda görkezilen dokma önümleriň Türkmenistandan alnyp gidilendiginiň bellenilen tertipdäki tassyknamasyny 10 günüň dowamynda şol şertnamany hasaba alan salgyt gullugyna tabşyrmaga borçlydyrlar.

9. Hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar agzalan sertnamalarda görkezilen önüm öndürijilerden goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberli satyn alnan dokma önümlerini, Türkmenistanyň çäginden çykarmaga borçlydyrlar.

10. Hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar dokma önümlerini Türkmenistanyň çäginden çykarman, Türkmenistanyň içinde ýerlän halatynda, onda hususy telekeçiler we edara görnüşli taraplar dokma önümlerini satyn alanda dokma önüm öndürijilere tölemedik goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölemäge borçlydyrlar we dokma önümleriniň Türkmenistanyň içinde ýerlenilen gününden başlap tölenmedik goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda puşmana tölegini tölemek bilen geçirilmäge degişlidir.

11. Dokma önümleriniň Türkmenistanyň çäginden çykarylman, Türkmenistanyň içinde ýerlenilendiginiň ýüze çykarylmagy, salgyt gulluklary tarapyndan «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 105-nji maddasynyň 4-nji tesiminde bellenilen goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberini ulanmazlyga esas bolup durýar.

12. Dokma önümleriniň Türkmenistanyň çäginden çykarylman, Türkmenistanyň içinde ýerlenilendiginiň ýüze çykarylan halatynda, salgyt gullugy Türkmenistanyň çäginden çykarylmadyk dokma önümleri boýunça öňki hasaplanylan goşulan baha üçin salgydyň 0 (nol) göterim möçberini, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynyň 103-nji maddasyna laýyklykda täzeden 15 göterim möçberi boýunça hasaplanan goşulan baha üçin salgydyny, Bitewi kanunyň 89-njy maddasyna laýyklykda maliýe jerimesini, şeýle hem goşulan baha üçin salgydyň 15 göterim möçberi boýunça hasaplanan möçberine, Bitewi kanunyň 70-nji maddasyna laýyklykda hasaplanan puşmana tölegini hususy telekeçilerden we edara görnüşli taraplardan tutup Türkmenistanyň Döwlet býujetine töletdirilmelidir.

13. Şu Tertibiň düzgünlerini bozan taraplar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige çekilýär.

Belgilenildi we bagjyklanyldy
5 sahypa
ý.ý. A.Mämmetgurbanowa
“26” 09. 2016 ý.